# Iñ soňky söz

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler,Ýatlamalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Iñ soňky söz

IÑ SOÑKY SÖZ

Günorta naharyndan gaýdyp iş ýerime ýetip gelýärkäm, öňümden tanyşlarymyň biri çykdy-da:
– Ýaňy seni Mämmet Seýit sorap ýördi – diýdi.
Barsam, ol kabulhanada tokmakçylar bilen gyzyl-gyran gülşüp oturan eken. Salamlaşyp Mämmet aga bilen kabinete girdik.
– "Gurt agzasaň, gurt geler" diýenleri çyn öýdýän. Häli, irden gürrüňini etdik…
– Gybatymy etmedik bolsaňyz bolýa – diýip, ol myssaja ýylgyrdy.
Şahyry "Nebis" diýen satiriki goşgusy "Tokmagyň" 6-njy sanynda (1987 ý) gidýärdi. Biz onuň gulagyny, ine, şo mynasybetli şaňladypdyk. Ýeri gelende aýtsam, bu goşgy onuň žurnalda çykan iň soňky goşgusydy.
Mämmet aga bilen söhbetdeş bolup ep-esli oturdyk. Ol çaýly käsesini eline aldy-da:
– Ýeri, onsoň, Peredelkinoda döredijilik öýünde işląp bildiňmi? – diýip, gözlerini güldürip maňa seretdi.
– Işledim. Ýöne biziňki näme, şol kijiçik hekaýalar-da. Uly zat men-ä dogrusy ýazjagam bolamok…
– Oňarýaň. Uly zatlaryň adamyny kiçeldýän wagtlary kän bolýandyr. Öz ýodaň bilen gidiber – diýip, ol meniň sözümi böldi.
Bu sözler ilhalar şahyryň agzyndan eşiden iň soňky sözlerimdi.

Täçmämmet JÜRDEKOW,
Türkmenistanyň halk ýazyjysy.

Ýatlamalar